# Fazyl Hüsni Daglarja

Category: Goşgular,Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 22 января, 2025
Fazyl Hüsni Daglarja

FAZYL HÜSNI DAGLARJA

Fazyl Hüsni Daglarja, meşhur türk şahyry.

■ Ömri we döredijiligi

Fazyl Hüsni Daglarja 1914-nji ýylyň 26-njy awgustynda Stambulda harby gullukçy Hasan Hüsniniň maşgalasynda dogulýar.
Başlangyç bilimi Konýada, Kaýseride, Adanada, Kozanda, orta bilimi Tarsusda we Adanada alýar, Kuleli harby liseýinde okaýar.
"Aile", "Ataç", "Çagry", "Devrim", "Ynkylapçy gençlik", "Kültür haftasy", "Türkçe", "Türk dili", "Türk ýurdy", "Varlyk", "Vatan", "Yeditepe", "Yücel", "Yenilik", "Yön" ýaly gazet-jurnalllarda goşgulary çykypdyr.
1935-nji ýylda pyýada goşunyň hatarynda gulluk edip, Günorta we Gündogar Anadolynyň, Trakýanyň köp ýerlerini görýär. Goşunda 15 ýyl gulluk edenden soňra kapitan harby derejesi bilen 1950-nji ýylda goşunyň hataryndan aýrylýar.
1952-60-njy ýyllarda Zähmet ministrliginiň hatarynda Stambulda işleýär. Soňra Stambulyň Aksaraý diýen ýerinde "Kitap" merkezini açýar we neşir işine baş goşýar.
1960-njy ýyldan 1964-nji ýyla çenli "Türkçe" atly aýda bir gezek çykýan jurnal çykarýar.
1927-nji ýylda "Yeni Adana" gazetinde ilkinji hekaýasy çykypdyr.
1933-nji ýylda "Stambul" jurnalynda çykan "Haýallan ömür" atly goşgusy arkaly giňden tanalmaga başlandy. Şol wagta çenli ol iň köp baýrak-sylag berilen şahyr bolupdyr.
1967-nji ýylda ABŞ-nyň Halkara Şygyr bäsleşigi tarapyndan

"Ýylyň iň oňat türk şahyry" hasap edildi. Türk Dil Guramasynyň dolandyryş toparynyň agzasy hem bolupdyr.
Jemgyýete bolan garaýyşlarynda adama we adam durmuşyna hormat goýan Daglarja hiç bir edebi akymlardan we şahyrlardan täsirlenmän öz ýoluny döretmegi başarypdyr.
Öndümli döredijiligi bilen öz eserlerini hiç kimiňkä meňzemeýän özboluşly ýoly bilen ýazypdyr. "Türk poeziýasynyň beýik şahyry" diýilip tanalan Daglarja 94 ýaşynda 2008-nji ýylyň 15-nji oktýabrynda ýylda aradan çykýar. Daglarjanyň öýi öz wesýetine eýerip muzeýe öwürýärler. 20.10.2008-nji ýylda "Garaja Ahmet" gonamçylygynda jaýlanýar.

■ Käbir kitaplary:

1). "Ene toprak";
2). "Çakyryň dessany";
3). "Üç şehitler dessany";
4)."Daş eýýamy";
5). "Stambul-Ýeňiş dessany";
6). "Aljir aýdymy";
7). "Siwasly garynja";
8). "Dälije möjek";
9). "Garaşsyzlyk uruşy-Inöniler";
10). "Garaşsyzlyk uruşy-Samsundan Ankara çenli";
11). "Çanakkale dessany";
12). "Kubilaý dessany";
13). "Hirosima";
14). "Guş aýak";
15). "Horaz";
16). "Ýunus Emrede bolmak";
17. "Neýtron bombasy";
18). "Ýalaňaç";
19). "Ýer ýüzüniň çagalary" we başgalar…